# Taliban režimi uzak saklanyp bilermikä?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Taliban režimi uzak saklanyp bilermikä? TALIBAN REŽIMI UZAK SAKLANYP BILERMIKÄ?




Taliban režiminiñ häkimiýet başyna geleni bäri birinji ýyly geçdi, hemmeleriñ jogabyny bilesi gelýän sowaly bolsa şu:
Taliban režiminiñ ömri niçik bor? Haçana çenli häkimiýetde saklanyp bilerkä?
Taliban dünýäniñ iñ güýçli harby ýaranlygy NATO we onuñ hojaýyny ABŞ-na garşy ýeñiş gazanyp, halkara jemgyýetçiligiñ gorkudyr haýran galyjylyk gatyşykly el çarpyşmasyna mynasyp bolanam bolsa, bärde gözden düşürmeli däl bir hakykat bar:
Taliban hiç wagtam gorkuly harby güýç bolmandy we frontda-da özbaşdak meñki bolsun diýer ýaly ýeke üstünlik gazanmandy.
Taliban 90-njy ýyllarda-da, soñky ýigrimi ýylda-da diñe garşydaşlaryny satyn alyp öñe gitdi we ýeñişlerini-de para-

peşgeşdir pulyñ güýji bilen gazandy.
Ýadyñyza salyñ, 1996-njy ýylyñ oktýabrynda Taliban Kabulyñ etegine gelende demirgazykly birnäçe serkerde tarapyny üýtgedip, toparyñ hataryna goşuldy welin, serkerde Ahmet şa Masut paýtagtdan yza çekilmäge mejbur boldy.
Bir ýyldan soñ ýene başga bir demirgazykly serketde General Mälik 2 million dollary jantaýyna urmagyñ hasabyna Mazary-Şerifiñ gapylaryny Talibana açansoñ, özbek lider General Dostum bar zadyny taşlap, Türkiýä gaçmaga mejbur boldy.
Ýagny, Talibanyñ häkimiýet başyna gelen birinji döwründe frontda gazanan hiç hili üstünligi ýok.




*Taliban agzalarynyñ okuwyndan pursat*
Şol bir ýagdaýda soñky ýigrimi ýylda-da Taliban NATO-dyr ABŞ-na garşy frontda gazanan ýeke ýeñşi ýok, hatda owgan hökümet güýçlerine garşy-da meñki bolsun diýer ýaly üstünligi bolmady.
Şol sanda ýigrimi ýyllyk respublika döwründe Talibanyñ eýeläp bilen ýeke etrap merkezi bolmandy, gaýtam tersine: toparyñ bar elinde saklaýany çetki obalardyr posýoloklar bilen çäkli galdy.
Muña garamazdan Kabuldaky režimiñ puştun ganaty bilen Talibanyñ arasynda gizlin dilleşik we hyzmatdaşlyk bardy.
Respublikan režimiñ birinji prezidenti Hamit Karzaý Talibanyñ bazarlarda, mekdepleriñ öñünde, hatda metjitlerde bomba partladyp, bigünä adamlary öldürýändiklerine garamazdan, olara

terrorçy diýmäge bogny ysanokdy, tersine «byraderany-narazi» (nägile bolýan doganlarymyz) diýip, belli bir derejede toparyñ militanlaryna bolan ýakynlygyny görkezýärdi.
Talibanyñ ýolbaşçylary-da hut Karzaýyñ özi ýaly puştundy.



*Demirgazyk Ýaranlygynyñ öñki liderleri*
2001-nji ýylyñ dekabrynda Germaniýanyñ Bonn şäherinde geçirilen Owganystan konferensiýasynda düzülen täze hökümet düzüminde puştunlar prezidentligi «ýolbars paýy» hökmünde alandyklaryna garamazdan, beýleki wezipeledi täjik, hazareý, özbek ýaly demirgazykly toparlar bilen bile paýlaşmaga mejbur bolupdylar.
Hemmeleriñ bilýän, ýöne açyk pyşgyrylmaýan bir hakykaty bar: 1747-nji ýylda modern Owganystanyñ gurlan wagtyndan bäri ýurdy bir özleri dolandyran puştunlar soñky ýigrimi ýylda häkimiýetiñ demirgazykly toparlar bilen paýlaşylmagyna öläýjek boldular.
Belkäm şonuñ üçindir (Karzaýdyr Gani ýaly), häkimiýetdäki puştunlar bilen oppozisiýadaky (Taliban) puştunlar demirgazykdaky toparlara garşy öz aralarynda gizlin dilleşige we hyzmatdaşlyga giripdiler.
Puştunlaryñ ahyrky maksady häkimiýetdir oppozisiýa bilen el-ele berip, tutuş Owganystanyñ üstünde absolýut puştun häkimiýetini täzeden üpjün etmek.



*Respublikan režimiñ simwolyna öwrülen obaly we bilimli aýal-gyzlar*

Respublikan režimiñ puştun şärikdeşleri bilen Talibanyñ arasyndaky gizlin dilleşik sagda-solda gürrüñ edilýändigine garamazdan, demirgazykly toparlar bu gürrüñlere ynanmandylar, sadalyk edip puştun doganlaryna ynanypdylar.

Karzaýyñ iñ gizlin maksady demirgazykly toparlary mümkin boldugyndan häkimiýetden çetleşdirmek, muny edip bolmasa, iñ bolmanda gowşatmakdy.

Galyberse-de, Jorj Buş döwrüniñ goranmak ministrlerinden Robert Geýts hem kitap edip çykardan ýatlamalarynda Karzaýyñ demirgazykly toparlary häkimiýetden çetleşdirmek üçin özlerinden talibanlaryñ demirgazyk etraplaryna aralaşdyrmaga ýardam etmegi haýyş edendigini ýazypdy.

2014-nji ýylda hileli saýlawlar bilen häkimiýet başyna gelen Aşraf Gani Karzaýyñ bu meýilnamasyny hasam berkleşdirip dowam etdirdi.

Gani Goranmak ministriniñ we Ýaragly Güýçlerdäki ierarhiýanyñ üstünden ätläp, goşun bölümlerine serkerdelik edýän serkerdeleri hut özi belledi, netijede Talibanyñ düzlük ýerlerde arkaýyn öñe süýşmegine şert döretdi.

Ganiniñ bellän serkerdeleriñ hemmesiniñ asly puştundy, olar düzlük ýerlerde göz üçin çaknyşan bolup, soñam goşunyñ ýaraglarydyr beýleki serişdelerini taşlap yza çekilýärdi.

Şeýlelikde, Taliban her çaknyşykdan soñ hem-ä täze ýer basyp

alýardy, hemem köp möçberde ok-däri, ýarag edinýärdi.



*Demirgazyk Ýaranlygynyñ öñki liderleri*
General Dostum birnäçe gezek demirgazykda goşun bölümleriniñ Talibana garşy operasiýalaryna ýolbaşçylyk etmäge başladam welin, Ganiniñ kömek alýan topar tarapyndan iki gezek duzaga düşürildi we zordan janyny halas etdi.
Muña garamazdan Dostum başlyklaýyn demirgazykly liderleriñ biri-de özlerine garşy oýnalýan oýna düşünmediler ýa-da düşünesleri gelmedi.
Ýogsam bolmasa etmeli iş bellidi: 2021-nji ýylyñ birinji iki aýynda Demirgazyk Owganystanda goşun bölümleri hiç hili garşylyk görkezmezden yza çekilende we etraplar yzly-yzyna Talibanyñ eline geçende Dostum, Muhakkik, Ata, doganlar Masut, Halili ýaly demirgazykly liderleriñ egin-egne berip, demirzyk etraplarynda dolandyryşy ele almagy we Kabuldan garaşsyz hökümet gurmalary gerekdi.



*Owgan liderler*

Şeýtmek üçin diýseñ amatly şertler döräpdi. Ýaragly Güýçlerde we polisiýanyñ düzüminde täjik, hazareý, özbek ýaly demirgazykly toparlara degişli müñlerçe harby gullukçy, ofiser bardy, bularyñ barsy ellerindäki serişdeler bilen bile taraplaryny üýtgetmäge taýýar ýagdaýda durdy.

Eger şeýden bolsadylar, owgan goşun bölümleriniñ elindäki uçarlaryñ, tanklaryñ, bronirlenen awtoulaglaryñ, harby aragatnaşyk serişdeleriñ, ýaraglaryñ, ok-därileriñ iñ bolmanda ýarsy demirgazykly toparlaryñ eline geçerdi.

Şeýlelikde, Owganystanyñ günortasy Talibanyñ golastynda jahylyýetden, fanatizmden we gadagançylyklardan doly magnawy tümlüge bürenen wagty, respublikan režim soñky ýigrimi ýylda gazanan azatlyklar bilen demirgazykda ýaşamagyma dowam ederdi.

Ömürleriniñ ep-esli bölegini frontda, galan ýigrimi ýylyny-da özlerine mal-mülk, baýlyk toplap geçiren Dostum, Ata, Muhakkik, Masut doganlar, Halili ýaly demirgazykly liderleriñ strategiýadan, meýilnamalaýyn işden we döwlet dolandyryşyndan bilýän zatlary ýokdy.

Bularyñ bar bilýän zady Karzaýdyr Gani ýaly içi güjükli möjek syýasatçylaryñ her aýdýanyna çyny bilen ynanmakdy.

Gaýtam Dostum özüni sürgüne ugradan Karzaýdyr Gani yzyna çagyranda, hiç zat bolmadyk ýaly ylgap gelipdi hem-de saýlaw kampaniýalarynda olaryñ peýdasyna hars atyp işläpdi.



*Talibanyñ aýal-gyzlaryñ bilim almagyna getiren gadagançylygy hakdaky karikatura*

Taliban režimi daşardan geljek berk zarba bilen ýykyljak gumbaýrakdan gurlan gala ýaly bolup görünýändigine garamazdan, häzirki ýagdaýlar, gynansak-da, olaryñ peýdasyna.

Şol sanda, Owganystanda hemmeleriñ uruşdan bizar-peteñi çykdy.

Şol bizar-peteñligi owgan urşunyñ hemaýatkärleriniñ arasynda-da görmek bolýar.

Indi goñşy ýurtlaram, sebit ýurtlary-da, uly güýçlerem Owganystan üçin barmaklaryny-da gymyldadasy gelenok.

Owgan oppozisiýasynyñ daşardan goldaw bolmasa, Talibana garşy uruşyñ başyny başlamak oñaryp bolmajak iş däl, ýöne örän kyn.

Eýýäm Talibanyñ häkimiýet başyna gelenine bir ýyl geçenem bolsa, oppozisiýanyñ meñki bolsun diýer ýaly garşylygy bolmady.

Taliban häkimiýetini agdaryp biljek iki ähtimal ýoluñ biri – açlygyñ we ykdysady pese düşüşligiñ döreden köpçülikleýim halk gozgalañy, beýleki ýoly bolsa – oppozisiýanyñ daşardan güýçli goldaw tapmagy.

Üçünji ähtimallygam, dünýäniñ möhüm paýtagtlarynyñ birinde düýbi Owganystandan gelip çykýan «11-nji sentýabr» teraktyna meñzeş terrorçylykly hadysanyñ bolup geçmegidir.

Garaşyp göreris.

Esedulla OGUZ,
Türkiýeli türkmen žurnalisti.

13.09.2022 ý. Publisistika